

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY  BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# TÜRKMENISTANDA ÇAGALARYŇ HUKUKLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEK BOÝUNÇA 2018-2022-NJI ÝYLLAR ÜÇIN HEREKETLERIŇ MILLI MEÝILNAMASY

**Aşgabat – 2018**

# Mazmuny

**I bap. Giriş** ........ 7

**II bap. Häzirki ýagdaý** ........ 8

**III bap. Çagalaryň hukuklaryny berjaý etmekde ileri tutulýan meseleler we Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň gurluşy** ........ 11

**IV bap. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň durmuşa geçirilişi** ........ 13

**1. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň maksatlary we wezipeleri** ........ 13

**2. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamany durmuşa geçirmegiň baş ugry** ........ 13

**3. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň dolandyrylyşy, utgaşdyrylyşy we barlanylyşy** ........ 14

**V bap. Netije** ........ 15

**Goşundy** ........ 16

1-nji maksat: Türkmenistanda ýurtda bar bolan serişdeleriň iň uly çarçuwasynyň we halkara hyzmatdaşlygyň çäginde çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň hem onuň goşmaça teswirnamalarynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek ........ 16

2-nji maksat: Türkmenistanda çagalaryň beden, akyl taýdan ösüp kemala gelmegi we abadan durmuşda ýaşamagy üçin, şol sanda olara lukmançylyk kömegini bermek, olaryň saglygyny goramak we berkitmek, keselleriň öňüni almak, aňrybaş iýmitlendirmek, howpsuz agyz suwuny we arassaçylygyň ýokary derejesini elýeterli etmek üçin ähli şertleri üpjün etmek ........ 20

3-nji maksat: Çagalaryň uçdantutma ählisiniň bilim almaga, şeýle hem ukyplaryny we başarnyklaryny hemmetaraplaýyn we doly ösdürip, kemala gelmäge hukugy bar. ........ 25

4-nji maksat: Çagalaryň ählisiniň beden, akyl, ruhy, ahlak we durmuş taýdan hemmetaraplaýyn ösüp kemala gelmegi üçin gerek bolan ýaşaýşyň mynasyp maddy derejesine we howpsuz şetlerine hukugy bar ........ 32

5-nji maksat: Çagalaryň uçdantutma ählisiniň zorlukdan, ezilmekden, maşgalanyň hem jemgyýetiň çäginde rehimsiz çemeleşilmekden azat bolmaga hukugy bar we hossarsyz hem howandarsyz goýlup bilinmez. ........ 34

6-njy maksat: Çagalaryň ählisiniň öz durmuşlaryna, abadançylygyna we ösüşine täsir edýän kararlar kabul edilende, oňa gatnaşmaga we hasaba alynýan nukdaýnazarlaryny beýan etmäge hukugy bar. ........ 38

**Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 22-nji iýunynda çykaran 831-nji karary bilen tassyklandy**

# Türkmenistanda çagalaryň hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça 2018–2022-nji ýyllar üçin hereketleriň Milli meýilnamasyny tassyklamak hakynda

## I bap. Giriş

Birleşen Milletler Guramasynyň (mundan beýläk – BMG) doly hukukly agzasy hökmünde Türkmenistan çagalaryň ýagdaýlary barada BMG-niň Baş Assambleýasynyň aýratyn mejlisinde kabul edilen «Çagalaryň ýaşaýşy üçin ýaramly dünýä» atly resminamanyň maksatlaryny we ýörelgelerini makullaýar (Nýu-Ýork, 2002-nji ýylyň maý aýynyň 8-10 aralygy). Bu resminama halkara bileleşigini demokratiýa, deňlik, kemsitmezlik, parahatçylyk, durmuş taýdan adalatlylyk hem-de adamyň ähli hukuklarynyň ählumumylyk, bölünmezlik, özara garaşlylyk we özara baglylyk ýörelgeleriniň berjaý edilmegine esaslanan çaganyň iň gowy bähbitleriniň döwletiň üns merkezinde durýan meselesine öwürmäge borçly edýär.

Türkmenistanda çagalaryň hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça 2018-2022-nji ýyllar üçin hereketleriň Milli meýilnamasy (mundan beýläk – Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnama) Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, «Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynyň, Birleşen Milletler Guramasynyň Çaganyň hukuklary hakyndaky konwensiýasynyň we Türkmenistanyň agza bolup durýan, çagalaryň bähbitlerini nazarda tutýan beýleki ylalaşyklarynyň ýörelgelerine we düzgünlerine esaslanýar.

Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnama çagalaryň ýagdaýlaryny mundan beýläk hem gowulandyrmaga, olaryň hukuklarynyň we abadançylygynyň üpjün edilmegine gönükdirilen döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryny öz içine alýar. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamany işläp düzmek we durmuşa geçirmek bilen Türkmenistan çagalaryň hukuklaryny berjaý etmek boýunça borçnamasyny ýerine ýetirmegi maksat edinýär.

Türkmenistanda çaganyň hukuklaryny berjaý etmek boýunça geçirilmeli çäreleriň Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamasy çaganyň hukuklarynyň berjaý edilmegi we goragyň üpjün edilmegi çygrynda maksatlary we wezipeleri kesgitleýän toplumlaýyn resminama bolup durýar. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnama Türkmenistanda çagalaryň abadançylyk derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen çäreleri öz içine alýan, häzirki wagtda hereket edýän baş ugurlary we çäreleriň meýilnamasyny gaýtadan amala aşyrmagy ýa-da olaryň ýerini tutmagy maksat edinmeýär. Çagalaryň

hukuklary boýunça Milli meýilnama çagalaryň hukuklaryny kepillendirýän pudagara çäreleri işläp düzmek we durmuşa geçirmek arkaly döwlet syýasatynyň esasy ugurlaryna laýyklykda utgaşdyrmak we ylalaşykly hereket etmek işini güýçlendirmegi maksat edinýär. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnama çäreleriň ylalaşylan maksatnamasy bolup durmak bilen, çagalara degişli meseleleriň çözgüdini tapmakda döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşikleriniň ylalaşykly hereket etmegini we bilelikde çemeleşmegi talap edýän ugurlary öz içine alýar. Çagalaryň hukuklaryny berjaý etmekde möhümligi we ösüş bilen sazlaşyklygy üpjün etmek maksady bilen, Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnama yzygiderli esasda gözden geçirilip we täzelenip durar.

## II bap. Häzirki ýagdaý

Türkmenistanyň Hökümeti durmuş we ykdysady taýdan durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça alyp barýan syýasatynda çagalaryň meselelerine we şu ugurdaky halkara resminamalaryna goşulmak bilen, öz üstüne alan borçnamalaryny berjaý etmäge barha köp üns berýär. Hususan-da, çagalaryň hukuklarynyň berjaý edilişini düzgünleşdirýän hukuk binýady döredildi: Türkmenistanyň Zähmet kodeksi (18.04.2009 ý.), Türkmenistanyň Maşgala kodeksi (10.01.2012ý.), Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksi (19.10.2012 ý.), «Ýaşlaryň zähmet çekmäge bolan hukugynyň kepillendirmesi hakyndaky» (01.02.2005 ý.), «Bilim hakyndaky» (04.05.2013 ý.), «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakyndaky» (29.08.2013 ý.), «Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakyndaky» (03.05.2014 ý.), «Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakyndaky» (23.05.2015 ý.), «Ene süýdi bilen iýmitlendirmegi wagyz etmek we goldamak hakyndaky» (26.03.2016 ý.), «Hossarlyk we howandarlyk hakyndaky» (03.06.2017 ý.) Türkmenistanyň Kanunlary we çaganyň ykdysady taýdan ulanylmagyndan goralmagyny kesgitleýän, şol sanda zorluk ulanmak arkaly, şeýle hem onuň saglygyna howp salyp biljek ýa-da onuň bilim almagyna päsgelçilik döredip biljek ýagdaýlara ýol berilmezligi üpjün etmegi göz öňünde tutýan beýleki kanunlar kabul edildi.

Çagalygyň meselelerine toplumlaýyn garalmagyna we çözülmegine gönükdirilen, çagalaryň bähbitlerini üns merkezinde saklaýan uzakmöhletleýin milli maksatnamalar we hereketleriň meýilnamalary işlenip taýýarlanyp, kabul edildi. Garaşsyzlyk ýyllarynda çagalaryň hemmetaraplaýyn ösmegini we durmuş derejesiniň has-da gowulandyrylmagyny üpjün etmek ugrunda uly işler amala aşyryldy.

2007-nji ýylda Türkmenistanda hereket edýän durmuş üpjünçilik ulgamynda ýurduň ilatynyň pes goragly gatlaklary üçin, hususan hem çagalar üçin berilýän ýörite durmuş taýdan kömegi pugtalandyrmak maksady bilen, düýpli oňyn özgertmeleriň başy başlandy.

Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky kodeksine laýyklykda, çaga doglanda berilýän döwlet kömek puly onuň ata-enesiniň, perzentlige alýanlaryň birine ýa-da hossaryna birwagtlaýyn tölenilýär. Şeýle hem çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly çaganyň doglan gününden başlap üç ýaşyna çenli tölenilýär.

Bilim ulgamynda hem özgertmeler dowam edýär. Hususan hem, hökmany umumy orta bilim öňki 10 ýyl bolmagyndan 12 ýyla çenli uzaldyldy, mekdep biliminiň ähli basgançaklarynyň okuw meýilnamalary barha kämilleşdirilýär, informatika, jemgyýeti

öwreniş we daşary ýurt dilleri derslerini okatmaga niýetlenen sagat sany artdyryldy. Çaganyň bilim-başarnygynyň we durmuş endikleriniň ösüp kemala gelmegine we kämilleşmegine gönükdirilen okatmak usulyýetlerine berilýän üns barha artýar. Çagalara hoşniýetli garaýan mekdepleriň halkara başlangyjyny öňe sürmekde gyzgalaňly iş alnyp barylýar (häzirki wagtda, takmynan, 78 sany mekdebe çagalar üçin hoşniýetli garaýan mekdepler hökmünde güwänama berildi). Çagalar üçin hoşniýetli garaýan mekdepleriň ülňüleri esasynda bilimiň hilini ýokarlandyrmak ugrunda kadalaşdyryjy namalaryň toplumy tassyklanyldy.

Döwlet meýilnamalarynyň we milli maksatnamalaryň maksatlaryna we wezipelerine laýyklykda, mekdebe çenli bilim alýan çagalaryň sany barha artýar. Aýratyn hem «Çaganyň irki ösüşi we ony mekdebe taýýarlamak boýunça 2011–2015-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň Milli maksatnamasynyň» durmuşa geçirilmegi çaganyň hemmetaraplaýyn ösüp kemala gelmegine, mekdebe çenli bilimiň hiliniň, şeýle hem çagalaryny ösdürip kemala getirmäge we mekdebe taýýarlamaga degişlilikde ata-eneleriň biliminiň, başarnyklarynyň hem ukyplarynyň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilendir. «Mekdebe çenli döwlet bilim standarty» hem tassyklanyldy. Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň uçdantutma hemmesini mekdebe taýýarlamak boýunça iş geçirilýär. Häzirki wagtda şu ulgamda bilim syýasatynyň durmuşa geçirilişini dowam etmek maksady bilen, 2018-2024-nji ýyllar üçin çagalaryň irki ösüşi boýunça pudagara Milli baş ugry işlenip düzülýär.

Oňyn özgertmeler Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamynda hem amala aşyryldy. Bu ulgama goýlan maýa goýumlaryň netijesinde tutuş ýurduň çäginde degişli täze binalar guruldy. Häzirki wagtda 18 ýaşa çenli çagalaryň ählisi üçin tölegsiz hünärli lukmançylyk hyzmatlary elýeterli bolup durýar. Türkmenistanda ilata immunizasiýa geçirmegiň ýokary derejesi bellenilip geçilýär. Lukmançylyk hyzmatlaryny etmegiň ähli derejelerinde täze doglan çagalara idegi gowulandyrmak, çaga dogrulýan öýlerde howpsuz enelik we çaga hoşniýetli hassahanalar (häzirki wagtda ýurduň hassahanalarynyň ýüzden 87 % şular ýaly şahadatnamalara mynasyp boldy) ýörelgelerini ilerletmek boýunça bäbekleriň, şeýle hem kiçi ýaşly çagalaryň iýmitlendirilmegine degişli çemeleşmeleri kämilleşdirmek, mekdeplerde we mekdebe çenli çagalar edaralarynda çagalary iýmitlendirmegiň guralyşyny has kämilleşdirmek, AIW-iň eneden çagasyna geçmeginiň öňüni almak, çaga kesellerini bejermegi bitewi alyp barmagyň ýörelgelerini girizmek, şikesleriň öňüni almak we çagalaryň maýyplygyny has kiçi ýaşyndaka ýüze çykarmak we wagtynda bejermek boýunça meýilleşdirilen çäreler durmuşa geçirilýär.

2014-nji ýylda Eneleriň, bäbekleriň, kiçi ýaşdaky çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramak boýunça täze milli strategiýa we onuň 2015–2019-njy ýyllar aralygynda durmuşa geçirilmegi boýunça çäreleriň iş meýilnamasy kabul edildi. Şeýle hem, çaga dogulmazdan öň we neonatal döwründe gerek ideg bilen üpjün etmek boýunça beýanlar işlenilip düzüldi. Pediatriýanyň ösüşi we irki gatyşmaklyk boýunça Konsepsiýa we 2016–2020-nji ýyllar üçin Iş meýilnamasy işlenilip düzüldi.

Görnetin üstünlikleriň gazanylandygyna garamazdan, çözülmegini talap edýän birnäçe meseleler hem bar. Aýratyn hem oba ýerlerinde saglygy goraýyş edaralarynyň ulgamyny

mundan beýläk hem ýaýbaňlandyrmak, bilimiň uçdantutma hemmelere elýeterliligini üpjün etmek, saglygy goraýyş we bilim ulgamlarynyň hünärmenleriniň bilimlerini halkara standartlaryna laýyk geler ýaly kämilleşdirmek, maýyp çagalaryň hukuklaryny has doly berjaý etmek bilen baglylykda zerurlyklaryň bardygy mälim. Çagalaryň hukuklaryny goramak işi milli ulgamyň has kämil edilmegini, ilkinji nobatda hem, çaganyň goragyny üpjün etmek boýunça meseleleriň çözgüdini tapmakda ulgamlaýyn we hemmetaraplaýyn çemeleşmeleriň bolmagyny talap edýär.

Ýurdumyzda çagalaryň hukuklaryny goramagy maksat edinýän köpsanly kanunçylyk namalary, maksatnamalar we baş ugurlar kabul edildi. Emma, maşgalalara we çagalara edilýän hyzmatlary has kämilleşdirmekde hukuk we syýasy çäreleriň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegi ugrunda edilýän tagallalaryň, şeýle hem merkezi we ýerli derejelerde dürli ýerine ýetirijileriň arasyndaky sazlaşykly hereketleriň güýçlendirilmeginiň zerurlygy duýulýar. Mundan başga-da, şu işiň ýerine ýetirilmeginde döwlet häkimiýet edaralarynyň arasyndaky sazlaşygy üpjün etmek boýunça çärelere degişlilikde edilýän tagallalary barha artdyrmak zerur bolup durýar.

2015-nji ýylda BMG-niň Çaganyň hukuklary boýunça Komiteti tarapyndan Türkmenistana jemleýji bellikler edildi (mundan beýläk – jemleýji bellikler). Şol belliklerde Komitet Türkmenistan tarapyndan halkara şertnamalarynyň birnäçesiniň tassyklanandygyna, ýurduň olara goşulandygyna, milli kanunçylygyny kämilleşdirýändigine, jemgyýetçilik we durmuş taýdan hyzmatlar üçin goýberýän maliýe serişdelerini artdyrýandygyna, saglygy goraýyş ulgamynda geçirilýän ylmy barlag işleriniň sanynyň köpelendigine we maglumat binýadynyň döredilendigine hoşallyk bildirdi.

Şol bir wagtyň özünde Komitet Türkmenistana Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýany durmuşa geçirmegiň umumy çärelerine, hususan hem utgaşdyryjy ulgamy pugtalandyrmak boýunça, şol sanda Pariž ýörelgelerine laýyklykda garaşsyz, hukuk goraýjy milli edarany döretmek ugrunda ilkinji nobatdaky çäre hökmünde çagalaryň hukuklary boýunça ýörite topary döretmegi, şeýle hem çaganyň iň gowy bähbidine degişli ýörelgäni syýasat çygrynda we iş ýüzünde doly durmuşa geçirmegi teklip etdi.

Çagalaryň hukuklarynyň berjaý edilişinde öňegidişliklere syn etmek we işjeň çäre görmegiň zerurlygy bolan pudaklary kesgitlemek maksady bilen, barlag we baha bermek ulgamyny berkitmäge üns bermek gerek. Maglumat toplamak ulgamyny pugtalandyrmak babatda, mysal üçin, 2013-nji ýylda statistika boýunça Pudagara Geňeşiň döredilmegi ugrunda edilen tagallalara garamazdan, çagalaryň ýagdaýy bilen bagly dürli görkezijileriň toparyna degişlilikde, hususan-da, maşgalalarda çagalara göwnejaý ideginiň edilmeýändigine we zorlukly halatlar barada hemme zady öz içine alýan hem-de jikme-jik maglumatyň ýoklugyna üns berilýär.

Jemleýji bellikleriň hasaba alynmagy arkaly Türkmenistanda çagalaryň hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça hereketleriň milli meýilnamasynyň tizden-tiz kabul edilmeginiň, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýasynyň ýörelgeleriniň hem düzgünleriniň ýerine ýetirilmeginiň hemme zady öz içine alýan baş ugrunyň işlenip düzülmeginiň zerurdygy bellenip geçilýär.

Komitet çagalaryň hukuklaryny berjaý etmekde Türkmenistana zerur bolan serişdelere hemmetaraplaýyn baha berilmegini, şol bir wagtyň özünde-de pes goragly toparlaryň hataryndaky çagalaryň, şol sanda maýyplygy bolan çagalaryň we oba ýerlerinde ýaşaýan çagalaryň meselelerine aýratyn üns berilmegini, çagalaryň öz hukuklaryny berjaý edenlerinde deňsizligiň öňüni almak we ýok etmek boýunça kanunçylyk we administratiw çäreleriň kabul edilmegini, şeýle hem islendik pudagyň çäginde çaganyň iň gowy bähbitlerini kesgitlemekde ýol görkeziji ýörelgeler hökmünde döwlet edaralarynyň degişli adamlarynyň peýdalanmagy üçin iş ýörediş tärleriniň we ölçegleriň işlenip taýýarlanylmagyny, şeýle hem zorlugyň derejesiniň kesgitlenilmegini hem-de ähli ýagdaýlarda çaganyň tenine şikes ýetirýän temmileriň gadagan edilmeginde zerur çäreleriň görülmegini teklip edýär.

Adam hukuklary çygryndaky halkara şertnamalaryna gatnaşyjy döwlet hökmünde borçnamalaryny berjaý etmäge yhlasly, girdejisi orta derejeden ýokarda, ykdysady ösüşi hem durnukly bolan Türkmenistanda Komitetiň eden belliklerinden ugur alnyp, çaganyň hukuklaryny doly berjaý etmegi maksat edinýän çäreleriň toplumyny durmuşa geçirmäge we özüniň bäşinji we altynjy hasabatlaryny, şol sanda jemleýji bellikleriň ýerine ýetirilişi barasyndaky maglumaty bilelikde 2020-nji ýylyň oktýabr aýynyň 19-na çenli şertnamalaýyn edara tabşyrmaga ähli mümkinçilikler bar.

## III bap. Çagalaryň hukuklaryny berjaý etmekde ileri tutulýan meseleler we Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň gurluşy

Çagalaryň hukuklary boýunça milli meýilnama BMG-niň Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýada we Türkmenistanyň gatnaşyjysy bolup durýan halkara şertnamalarynyň beýlekilerinde beýan edilen ýörelgelerden ugur alnyp, çagalaryň bähbitlerini goraýan durmuş taýdan döwlet syýasatynyň esasy ugurlaryny kesgitleýär. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň çägindäki ähli maksatlar we wezipeler çagalaryň hukuklarynyň we durmuş kepillikleriniň berjaý edilmegine gönükdirilendir. Olaryň durmuşa geçirilmegi hemmetaraplaýyn çemeleşmegi, döwlet edaralary bilen jemgyýetçilik birleşikleriniň işleriniň utgaşdyrylmagyny we sazlaşykly hereket etmeklerini talap edýär.

Çagalaryň hukuklary boýunça milli meýilnamanyň ileri tutýan esasy meseleleri «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2018-2024-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy», «Türkmenistanyň ilatly ýerlerini arassa agyz suwy bilen üpjün etmek boýunça Baş Maksatnama», «Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri barada adyl kazyýetlik ulgamyny ösdürmek boýunça Türkmenistanyň Baş maksatnamasy», «Türkmenistanda eneleriň, bäbekleriň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramagyň 2015–2019-njy ýyllar üçin Türkmenistanyň Milli Strategiýasy we

ony amala aşyrmak boýunça hereket etmegiň meýilnamasy» ýaly häzirki wagtda ýurtda hereket edýän milli baş ugurlaryň, maksatnamalaryň we meýilnamalaryň maksatlary we wezipeleri arkaly goldanylýar.

Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnama degişli ugurlar boýunça bölünýär we çagalaryň bähbitlerini goraýan döwlet syýasatynyň we BMG-niň Durnukly Ösüş Maksatlarynyň aşakdaky esasy ugurlaryny durmuşa geçirýän çäreleri öz içine alýar:

1) Birleşen Milletler Guramasynyň Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýasynyň (mundan beýläk – Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýa) durmuşa geçirilmegi boýunça umumy çäreleriň Türkmenistanda doly berjaý edilmegini üpjün etmegi;

2) Çaganyň ýaşamaga we diri galmagyna bolan hukugyny, hususan hem enäniň we çaganyň sagdyn bolmagyna ýardam etmek we sagdyn durmuş endiklerini kemala getirmek arkaly üpjün etmegi;

3) Çaganyň bilim almaga we ösüp kemala gelmäge bolan hukugyny üpjün etmek bilen, şol sanda hil taýdan gowy bilim we durmuş üpjünçilik kömegini bermek arkaly çagalaryň hemmesi üçin mümkinçiliklerini we başarnyklaryny doly amala aşyrmagyna mümkinçilik döretmegi;

4) Çagalaryň we olaryň maşgalalarynyň ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak we ykdysady abadançylygyny üpjün etmek. Şol sanda adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlyk görmek we olara jogap bermek ugrunda edilýän tagallalary artdyrmak arkaly şeýle tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmaga aýratyn üns bermek bilen, adatdan daşary ýagdaýlardan goranmak meselelerini hem nazarda tutmagy;

5) Çagalaryň ählisiniň zorlukdan, ezilmekden, rehimsiz we äsgermezlikli çemeleşmekden azat durmuşda ýaşamaga bolan hukuklaryny goramak, aýratyn hem pes goragly toparlara girýän çagalary goramak we goldamak boýunça hyzmatlar ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, şeýle hem ata-eneleriniň howandarlygyndan galan çagalaryň çagalar öýüne ýerleşdirilmeginiň öňüni almaga gönükdirilen çäreleri durmuşa geçirmek arkaly üpjün etmegi;

6) Çagalaryň öz bähbitlerine degişli ähli meseleler boýunça pikirlerini beýan etmäge we durmuş, medeni, ykdysady we jemgyýetçilik durmuşyna işjeň gatnaşmaga bolan hukuklaryny üpjün etmegi.

Degişli mowzuklara laýyklykda bellenilip geçilen şu meseleleriň hersinde çagalaryň uçdantutma ählisiniň ýaşaýan ýerine, girdejileriniň derejesine, maşgaladaky gurşawyna, ýa bolmasa islendik başga bir sebäplere garamazdan, ukyplaryny we başarnyklaryny ösdürmäge mümkinçilikleriniň bolmagyny nazarda tutup, çagalaryň aýratyn pes goragly toparlary üçin serişdeleriň goýberilmegi, hyzmatlaryň we maksatnamalaryň üpjün edilmegi ileri tutulýan meseleler diýlip hasaplanýar. Hut şu sebäpden hem, Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň çäginde maýyp çagalar, migrantlaryň çagalary, raýatlygy bolmadyk çagalar, doly üpjünçiligi bolmadyk çagalar, ata-eneleriniň howandarlygyndan galan çagalar we kanun bilen çaknyşykda bolan çagalar ýaly, has kyn ýaşaýyş şertlerinde ýaşaýan çagalaryň hukuklaryny berjaý etmäge aýratyn üns berilýär.

# IV bap. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň durmuşa geçirilişi

## 1. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň maksatlary we wezipeleri

Maksatlaryň hersi aýratyn özboluşlylyga eýe bolan wezipelere bölünýär. Şol wezipeleriň çözülmegi Türkmenistanyň ähli çagalarynyň abadançylygynyň mundan beýläk hem gowulandyrylmagyna alyp barar. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň bir bölegi bolup durýan Jemleýji jedweliň içinde maksatlar we wezipeler, şeýle hem agzalyp geçilen bölümleriň hersi üçin netijeleri gazanmagyň görkezijileri hem berilýär.

***Maksat 1.*** Türkmenistanda ýurtda bar bolan serişdeleriň iň uly çarçuwasynyň we halkara hyzmatdaşlygynyň çäginde çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň hem onuň goşmaça teswirnamalarynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek.

***Maksat 2.*** Türkmenistanda çagalaryň beden, akyl taýdan ösüp kemala gelmegi we abadan durmuşda ýaşamagy üçin, şol sanda olara lukmançylyk kömegini bermek, olaryň saglygyny goramak we berkitmek, keselleriň öňüni almak, aňrybaş iýmitlendirmek, howpsuz agyz suwuny we arassaçylygyň ýokary derejesini elýeterli etmek üçin ähli şertleri üpjün etmek.

***Maksat 3.*** Çagalaryň uçdantutma ählisiniň bilim almaga, şeýle hem öz ukyplaryny we başarnyklaryny hemmetaraplaýyn we doly ösdürip, kemala gelmäge hukugy bar.

***Maksat 4.*** Çagalaryň ählisiniň beden, akyl, ruhy, ahlak we durmuş taýdan hemmetaraplaýyn ösüp, kemala gelmegi üçin gerek bolan ýaşaýşyň mynasyp maddy derejesine we howpsuz şertlerine hukugy bar.

***Maksat 5.*** Çagalaryň uçdantutma ählisiniň zorlukdan, ezilmekden, maşgalanyň hem jemgyýetiň çäginde rehimsiz çemeleşilmekden azat bolmaga hukugy bar we olar hossarsyz hem howandarsyz goýlup bilinmez.

***Maksat 6.*** Çagalaryň ählisiniň öz durmuşlaryna, abadançylygyna we ösüşine täsir edýän kararlar kabul edilende, oňa gatnaşmaga we hasaba alynýan nukdaýnazarlaryny beýan etmäge hukugy bar.

## 2. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamany durmuşa geçirmegiň baş ugry

Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň maksatlaryny we wezipelerini durmuşa geçirmek we netijeleri gazanmak babatdaky iş kanunçylygy kämilleşdirmek arkaly, saglygy goraýyş hem bilim ulgamlaryny ösdürmek boýunça degişli maksatnamalary kabul etmek arkaly, şeýle hem Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň ýörelgelerini Türkmenistanyň çagalarynyň iň gowy bähbitlerini hasaba alyp, durmuş taýdan goragy pugtalandyrmak arkaly amala aşyrylar. Tälim beriji okuw maslahatlary arkaly halkara derejesindäki iň gowy tejribeler bilen tanyşmak we tejribe alyş-çalşygyny geçirmek arkaly bilermenleriň ukyp-başarnyklaryny kämilleşdirmäge, şeýle hem

ministrlikleriň we edaralaryň çagalar bilen işleýän hünärmenleriniň, ata-eneleriň, ilatyň giň gatlaklarynyň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň çaganyň hukuklary barasynda habarlylygyny artdyrmaga gönükdirilen baş ugury giňden peýdalanylar. Çagalaryň, hususan hem pes goragly toparlaryň hataryndaky çagalaryň abadançylygyna oňaýsyz täsirini ýetirýän durmuş kadalaryna täsir etmegi maksat edinýän çärelere aýratyn üns berler.

Çagalaryň hukuklary boýunça milli meýilnamany durmuşa geçirmek ugrunda döwlet derejesinde edilýän tagallalaryň üsti çagalaryň hukuklaryny berjaý etmek boýunça ýerli derejede amala aşyrylýan başlangyçlara gatnaşýan jemgyýetçilik birleşikleriniň ýerine ýetirýän işi bilen doldurylar. Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýa we Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň ara alnyp maslahatlaşylmagyna, durmuşa geçirilmegine we ýerine ýetirilişine degişlilikde geçiriljek baha bermek çärelerine çagalaryň hem gatnaşdyrylmagy üpjün ediler.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen ediljek hyzmatdaşlyk şu Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň durmuşa geçirilmegine çagalaryň giňişleýin gatnaşmagyny wagyz etmäge gönükdiriler. Çagalar üçin düşnükli bolar ýaly, Çagalaryň hukuklary boýunça milli meýilnamanyň uýgunlaşdyrylan görnüşi taýýarlanylar we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň neşir we elektron mümkinçiliklerinden peýdalanylyp, mekdeplerde we ýaşlar klublarynda, şeýle hem çagalar üçin niýetlenen beýleki guramalarda ýaýradylar.

Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň işlenilip düzülmegi, täzeden gözden geçirilmegi we durmuşa geçirilmegi barada jemgyýetçilik köpçüligi habarly ediler. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň mazmuny neşir ediler we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hem-de maglumat beriş we wagyz ediş möwsümleriniň giň mümkinçilikleriniň üsti bilen jemgyýetçilik köpçüligine elýeterli ediler.

## 3. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň dolandyrylyşy, utgaşdyrylyşy we barlanylyşy

Geçirilmeli çäreleri netijeli durmuşa geçirmek üçin utgaşdyryjy usul döredilер hem-de ol Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň ýerine ýetirilişine gözegçilik eder, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşikleriniň arasynda utgaşdyryjy bolup hyzmat eder hem-de onuň durmuşa geçirilişini barlap durar we oňa baha berer.

Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň ýerine ýetirilmeginiň çäginde onuň durmuşa geçirilişi boýunça amala aşyryljak barlaglaryň meýilnamasy işlenilip düzüler. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň durmuşa geçirilişi boýunça amala aşyrylan barlaglaryň netijesine degişli maglumatlar, onuň üstünlikli berjaý edilmegini üpjün etmäge gönükdirilen çäreleriň durmuşa geçirilişi barada, şeýle hem Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň durmuşa geçirilişine degişlilikde 2020-nji ýylda taýýarlanyljak ortamöhletleýin we 2022-nji ýylda onuň durmuşa geçirilişine we Türkmenistanda çagalaryň hukuklaryna ýetirýän täsirine umumy baha bermek üçin

jemleýji syny amala aşyrmakda gerek bolan ähmiýetli maglumaty almakda ulanylar. Çagalar we jemgyýetçilik birleşikleri Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň durmuşa geçirilişi boýunça amala aşyrylýan barlaglara gatnaşarlar.

Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň çäreleriniň maliýeleşdirilmegi ýurduň durmuş-ykdysady meýilnamalarynyň ýerine ýetirilmeginiň çäginde amala aşyrylar.

## V bap. Netije

Jemleýji belliklerden we soňky on ýyllygyň dowamynda çagalaryň hukuklaryny goramakda we berjaý etmekde gazanylan üstünlikleriň seljermesiniň netijelerinden ugur alyp, Çagalaryň hukuklary boýunça milli meýilnama döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşikleriň amala aşyran maksatnamalarynyň çäginde ylalaşykly hereketleriniň netijesi bolup durýar. Onda beýan edilen maksatlar, baş ugur Birleşen Milletler Guramasynyň Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýasynyň Türkmenistan tarapyndan doly berjaý edilmegini maksat edinýän, toplumlaýyn ýol kartasydyr. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň çäginde ýerine ýetirilmeli çäreler Türkmenistandaky häzirki ýagdaýy we ýurduň çäginde ýaşaýan çagalaryň zerurlyklarydyr talaplaryny hasaba almak bilen, çagalaryň durmuş, ykdysady, medeni, raýat we syýasy hukuklarynyň ähli ugurlaryny gurşap alýar.

# Goşundy

| **1-nji maksat: Türkmenistanda ýurtda bar bolan serişdeleriň iň uly çarçuwasynyň we halkara hyzmatdaşlygyň çäginde çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň hem onuň goşmaça teswirnamalarynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek** | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| **Wezipeler** | **Esasy çäreler** | **Görkezijiler** | **Maglumat çeşmesi/ maglumaty toplamagyň usulyýeti** | **Ýerine ýetirmekde jogapkär edaralar we hyzmatdaşlar** | **Möhleti** |
| 1.1. ***Kanunlary çagalaryň hukuklaryny berjaý etmäge, höweslendirmäge we olary goramaga degişli esasy halkara şertnamalar we konwensiýalar bilen sazlaşdyrmak*** | | | | | |
| 1.1.1. Çagalaryň hukuklaryny berjaý etmäge we goramaga degişli halkara şertnamalarynyň esasylaryny tassyklamak | Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň habar bermek işine degişli goşmaça teswirnamasyny öwrenmek we ony tassyklamak boýunça teklipleri taýýarlamak | Degişli goşmaça teswirnama tassyklandy | Resmi maglumat çeşmeleri, hasabatlar we neşirler. | Türkmenistanda adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara topary | 2018 - 2022-nji ýyllar |
| 1.1.2. Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýa laýyk gelmegini gazanmagyň maksatlary üçin çagalar babatda Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmek we sazlamak. | Çagalaryň hukuklarynyň berjaý edilmegine we goragyna degişli kanunçylygyň Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň düzgünlerine laýyk gelmeýän ýerlerini ýüze çykarmagy maksat edinip, milli kanunçylygy seljermek<br><br>Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryny kämilleşdirmek we Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň düzgünlerine laýyk getirmek we olaryň kadalaryny milli kanunçylyga ornaşdyrmak<br><br>Çaganyň iň gowy bähbitleriniň ýerine ýetirilmegi boýunça goldanylýan ýörelgeler hökmünde döwlet edaralarynyň degişli adamlarynyň ähli̇si tarapyndan ulanmaga niýetlenen iş ýörediş tärleriniň we ölçegleriň işlenip düzülmegi | Çagalaryň hukuklarynyň berjaý edilmegine we goragyna degişli kanunçylyk namalaryny ýüze çykarmak we Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň düzgünlerine laýyk getirmek.<br><br>Çagalara degişlilikde kabul edilen kanunçylyk namalarynyň hataryndan Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň düzgünlerine sazlaşykly edilmelileriň tutuş sanynyň içinde oňa laýyk getirilenleriň sany.<br><br>Iş ýörediş tärleri we ölçegleri işlenip düzüldi | Resmi maglumat çeşmeleri, hasabatlar we neşirler | Türkmenistanyň Mejlisi, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri. | 2018 - 2022-nji ýyllar |
| 1.2. ***Utgaşdyrmak*** | | | | | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 1.2.1. Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň durmuşa geçirilýän döwrüniň aýagyna çenli çagalara hukuk bermek we degişli hyzmatlary ýerine ýetirmek işine jogap berýän dürli edaralaryň we gyzyklanma bildirýän taraplaryň arasynda utgaşdyrmagy pugtalandyrmak | Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň durmuşa geçirilmegi bilen baglanyşykly döwlet, welaýat we etrap derejesinde hemme pudaklarda alnyp barylýan ähli işi utgaşdyrmaga mandaty we ýeterlik ygtyýarlyklary bolan ministrlikleriň arasynda bir sany utgaşdyryjy edarany döretmek | Çagalaryň hukuklarynyň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrýan jogapkär edilen utgaşdyryjy edara döredildi. Tabşyrylan işi netijeli alyp barar ýaly utgaşdyryjy edara gerek bolan hünärmen bilen, şeýle hem tehniki we maliýe serişdeleri bilen üpjün edilen | Barlag toparynyň hasabaty. | Türkmenistanyň Mejlisi, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri | 2022-nji ýyl |
| **1.3. *Maglumatlary toplamak we çagalar üçin niýetlenen serişdeler*** | | | | | |
| 1.3.1. Jemleýji belliklere laýyklykda jynslary, ýaşy, maýyplyk ýagdaýy, etniki degişliligi, geografik ýagdaýy boýunça dezagregirlenen çagalaryň hukuklarynyň, esasanda, Durnukly Ösüş Maksatlaryna (mundan beýläk – DÖM-e) degişli, ýerine ýetirilişine degişli maglumatlaryň elýeterliligini we bolmagyny ýokarlandyrmak | Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýanyň durmuşa geçirilmegi üçin goýberilýän serişdeleriň netijeliligini, ýeterliklidigini we deň derejede paýlanylýandygyny barlamak hem baha bermek üçin usulyýeti we gurallary işläp düzmek<br><br>Jynsy, ýaşy, maýyplyk derejesi, etniki degişliligi, geografik ýagdaýy boýunça dezagregirlenen çagalaryň hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça deňeşdiriji maglumatlary toplamak. | Deňeşdiriji dezagregirlenen maglumatlar elýeterli | Derňewleriň, sorag geçirmegiň netijeleri, administratiw maglumatlar | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralar. | 2019-njy ýyl |
| | Türkmenistanda çagalaryň ýagdaýy boýunça statistika ýygyndysyny taýýarlamak. | Statistika ýygyndylaryň barlygy | Taýýarlanan ýygyndylar. | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralar. | 2019-njy ýyl |
| **1.4. *Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýany öwretmek we degişli bilimi ýaýratmak*** | | | | | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 1.4.1. Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýa, şeýle hem jemleýji bellikler baradaky habarlylyk derejesini ýokarlandyrmak. | Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýa we jemleýji bellikler baradaky maglumatlary ýaýratmak boýunça çäreleriň maksatnamalaryny işläp düzmek we degişli maglumat beriş serişdelerini taýýarlamak.<br><br>Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýa baradaky maglumatlary köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, diwarlyklaryň, şeýle hem maglumat we tälim beriji serişdeleriň üsti bilen ýaýratmak.<br><br>Milli okuw meýilnamalaryna çaganyň hukuklaryna degişli bilermenleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak bilen bagly meseleleri we degişli düzüm bölekleri girizmek.<br><br>Çagalar bilen we çagalar üçin işleýän jogapkär adamlaryň we bilermenleriň öz wezipe borçlaryny ýerine ýetiren mahallarynda çaganyň hukuklaryny berjaý etmekde gerek bilim-başarnyklaryny artdyrmaklary üçin Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýa barada okuw geçirmek we habarly etmäge gönükdirilen çäreler | Meýilnamanyň çäginde görkezilen çäreleriň içinden durmuşa geçirilenleriň sany.<br><br>Çaganyň hukuklaryny berjaý etmek boýunça orta hünär bilimi edaralarynda, ýokary hünär bilimi edaralarynda we işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrýan we olary gaýtadan taýýarlaýan edaralarda tälim alan ýa bolmasa tälim berijileri taýýarlamaga gatnaşan wezipeli adamlaryň we bilermenleriň, şol sanda çözgüt kabul edýän adamlaryň, hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň, mugallymlaryň, saglygy goraýyş edaralarynyň işgärleriniň sany<br><br>Tälim berlen, wezipeli adamlaryň we bilermenleriň Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýa baradaky bilimdüşünjesiniň derejesi | Administratiw maglumatlar, sorag geçirmeleriň netijeleri. | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri. | 2018 - 2022-nji ýyllar |
| | | **1.5. *Hyzmatdaşlyk*** | | | |
| 1.5.1. Jemgyýetçilik birleşikleriniň hem özbaşdak işlerinde, hem-de döwlet edaralary bilen hyzmatdaşlykda amala aşyrýan işlerinde Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýada we Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamada berkidilen hukuklarynyň berjaý edilmegine we berjaý edilişinde öňegidişlik gazanmaga gönükdirilen çärelere goşulmagyny üpjün etmek. | Çagalaryň hukuklaryna degişlilikde geçirilýän barlagda we Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň durmuşa geçirilmeginde berjaý edilmeli çäreleriň sanawyny we jemgyýetçilik birleşikleriniň tutýan ornuny kesgitlemek | Jemgyýetçilik birleşikleriniň tutýan ornuny kesgitlemek bilen berjaý edilmeli çäreleriň sanawyny üpjün etmek | Jemgyýetçilik birleşikleriniň döwlet tarapyndan bellige alynmagy. | Türkmenistanyň Mejlisi, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri. | 2018-nji ýyl |
| | Jemgyýetçilik birleşikleriniň döwlet belligine alynmagy çygryndaky kanunçylygyň kämilleşdirilmegi. | 2015-nji ýyl bilen deňeşdirilende çagalaryň hukuklaryna degişli barlaglara we Çagalaryň hukuklary boýunça Milli meýilnamanyň durmuşa geçirilmegine gatnaşýan jemgyýetçilik birleşikleriniň gatnaşygynyň göterim taýdan artmagy. | Jemgyýetçilik birleşikleriniň döwlet belligine alynmagy, geçirilen barlaglar boýunça hasabatlar | Türkmenistanyň Adalat ministrligi, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralar, jemgyýetçilik birleşikleri | 2022-nji ýyl |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 1.6. ***Garaşsyz barlag*** | | | | | |
| 1.6.1. Çagalaryň hukuklaryny berjaý etmek üçin çagalar tarapyndan berilýän şikaýatlary, çagalaryň aýratynlyklaryny nazarda tutup, almaga, degişli derňew işini geçirmäge we garamaga mümkinçilik berýän garaşsyz barlag işini geçirmek boýunça usuly işe girizmek. | Çagalaryň hukuklaryna we çagalar tarapyndan edilýän şikaýatlaryň kabul edilmegi we olaryň garalmagy boýunça iş düzgünlerine degişlilikde garaşsyz barlag geçirmek boýunça Pariž ýörelgelerine doly laýyk bolmagy üçin maliýeleşdirmek çeşmesi, ygtyýarlygy (mandaty) we eldegrilmesizlik hukugy (immuniteti) bar bolan usulyň işlenip düzülmegi hem işe girizilmegi. | Çagalaryň hukuklarynyň garaşsyz barlagy boýunça hereket edýän guralyň barlygy | Administratiw maglumatlar | Türkmenistanyň Mejlisi, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri | 2022-nji ýyl |
| 1.7. ***Pudagara bilelikdäki hereketler*** | | | | | |
| 1.7.1. Irki çagalyk meselesi boýunça pudagara bilelikdäki hereketleri üpjün etmek | 2018-2024-nji ýyllar üçin çagalaryň irki ösüşi boýunça pudagara Milli baş ugrunyň işlenip düzülmegi we kabul edilmegi.<br><br>«Türkmenistanda ösüş pediatriýasy we irki goşulyşma ulgamyny ornaşdyrmagyň Konsepsiýasyny» we ony ýerine ýetirmegiň 2016-2020-nji ýyllar üçin hereketleriň meýilnamasynyň amala aşyrylyşy | 2018-2024-nji ýyllar üçin çagalaryň irki ösüşi boýunça pudagara Milli baş ugry kabul edildi | Resmi maglumat çeşmeleri | Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary | 2018-2022-nji ýyllar |

**2-nji maksat: Türkmenistanda çagalaryň beden, akyl taýdan ösüp kemala gelmegi we abadan durmuşda ýaşamagy üçin, şol sanda olara lukmançylyk kömegini bermek, olaryň saglygyny goramak we berkitmek, keselleriň öňüni almak, aňrybaş iýmitlendirmek, howpsuz agyz suwuny we arassaçylygyň ýokary derejesini elýeterli etmek üçin ähli şertleri üpjün etmek**

***2.1. Çagalaryň saglygy***

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 2.1.1. Bir ýaşa çenli we bäş ýaşa çenli çagalaryň ölüm derejesini peseltmek | Eneleriň, bäbekleriň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny mundan beýläk hem pugtalandyrmak üçin saglygy goraýşyň çygryndaky hukuk namalaryny halkara tekliplerine, şol sanda Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň (mundan beýläk – BSGG-niň) standartlaryna we tekliplerine sazlaşykly etmek.<br><br>Saglygy goraýyş ulgamynda enäniň we çaganyň saglygyny goramak ugrunda, şol sanda ilkinji saglygy goraýyş sanitariýa derejesinde işgärler binýadyny pugtalandyrmak.<br><br>Çagalar üçin, aýratyn hem oba ýerlerinde, ilkinji, köpugurly we ýöriteleşdirilen ýokary hilli bejeriş öňüni alyş kömegini bermek hem-de derman üpjünçiligine deň elýeterli giňeltmek.<br><br>Diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmek tejribesini höweslendirmek boýunça çäreleri durmuşa geçirmek; degişli milli kanunçylygy ene süýdüne derek ulanylýan serişdeleriň marketingi hakyndaky Halkara kodeksiň ähli düzgünlerine laýyk etmek; diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň peýdasy barada ilatyň habarlylygyny artdyrmak.<br><br>Maglumatlaryň yzygiderli toplanmagyny we seljerilmegini mundan beýläk kämilleşdirmek esasynda saglygy goraýşyň maglumatlar ulgamlaryny pugtalandyrmak<br><br>Kiçi ýaşly çagalaryň ösüşine we irki goşulşma baha bermek meseleler boýunça saglygy goraýyş işgärleriň we mugallymlaryň bilim derejelerini kämilleşdirmek. | 2015-nji ýyl bilen deňeşdirilende, neonatal ölüm koeffisiýentini 2022-nji ýyla çenli 15% peseltmek.<br><br>2015-nji ýyl bilen deňeşdirilende, bäbekleriň ölüm koeffisiýentini 2022-nji ýyla çenli 20% peseltmek.<br><br>2015-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 5 ýaşa ýanli çagalaryň ölüm koeffisiýentini 2022-nji ýyla çenli 20% peseltmek.<br><br>6 aý ýaşa çenli çagalaryň diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmek görkezijisi 60% az bolmaly däl.<br><br>Eneleriň we çagalaryň saglygyny goraýyş ulgamynda maksatnamalaryň görkezijileri. | Barlaglaryň netijeleri, soragjogap geçirmeler, Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň (mundan beýläk – TSG we DSM-niň) administratiw maglumatlary | Türkmenistanyň Mejlisi, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri | 2022-nji ýyl |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 2.1.2. Çagalaryň uçdantutma ählisine olaryň ýaşaýan ýerine, durmuş ýagdaýyna, maýyplyk hukuk ýagdaýynyň barlygyna ýa-da ýoklugyna hem-de maşgalanyň girdejisine garamazdan, tölegsiz we ýokary hilli saglygy goraýyş hyzmatlarynyň elýeterliligini üpjün etmek. | Subutnamalara esaslanyp, täze doglan bäbeklere hemme derejelerde lukmançylyk hyzmatyny etmek boýunça çäreleriň umumy elýeterli toplumlaryny (paketlerini) işläp düzmek we işe ornaşdyrmak.<br><br>Göwrelileri, dogrumdaky aýallary, bäbekleri perinatal kömeginiň I, II we III derejelerine ugratmagyň ulgamyny işläp düzmek we işe ornaşdyrmak.<br><br>Çagalaryň arasynda maýyplygyň ösmeginiň howpuny azaltmak we ösüşiň bozulmalary bolan çagalara berilýän hyzmatlary gowulandyrmak üçin irki anyklaýyş we irki goşulyşma ulgamyny ornaşdyrmak.<br><br>Çagalaryň we ýetginjekleriň arasynda has ýaýran keselleriň we ösüşinde kadadan çykmalaryň öňüni almak we olary bejermek boýunça kliniki beýanlary işläp düzmek. | Keselleriň öňüni alyş - sanjymlarynyň milli Tertibine laýyklykda çagalary immunizasiýa bilen gurşap almak >95%<br><br>Irki goşulyşma hyzmatlary we çagalaryň we ýetginjekleriň arasynda has ýaýran keselleriň öňüni almak we olary bejermek boýunça kabul edilen buýruklaryň we kliniki beýanlaryň sany | Barlaglaryň netijeleri, sorag-jogap geçirmek, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň administratiw maglumatlary | Türkmenis-tanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi.<br><br>Türkmenis-tanyň Mejlisi, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri | 2022-nji ýyl |
| ***2.2. Enäniň saglygy*** | | | | | |
| 2.2.1. Zenanlaryň reproduktiw, fiziki we psihiki saglygyny berkitmek we ene ölümçiligini peseltmek | Subutnamalara esaslanyp, göwreliler, aýallar we eneler üçin esasy lukmançylyk hyzmatlarynyň umumy elýeterli toplumyny işläp düzmek we işe ornaşdyrmak.<br><br>Göwreliligiň gaýra üzülmesiniň ýokary howpy bolan aýallary perinatal kömeginiň degişli derejelerine ugratmak boýunça ulgamyny işläp düzmek we ornaşdyrmak.<br><br>Işleýän eneler üçin iş ýerinde ýörite otaglary döretmek arkaly çagany emdirmek we oňa ideg etmek üçin mümkinçiligini üpjün etmek.<br><br>Eneler üçin jemgyýetçilik ýerlerinde ýörite otaglary döretmek arkaly çagany emdirmek we oňa ideg etmek üçin mümkinçiligini üpjün etmek.<br><br>Maglumatlaryň yzygiderli toplanmagyny we seljerilmegini kämilleşdirmek esasynda saglygy goraýşyň maglumatlar ulgamlaryny berkitmek | 2022-nji ýyla çenli eneleriň ölümini 100 000 sany diri çaga dogran eneleriň 3-sine çenli azaltmak<br><br>Gyssagly akuşer hyzmatyny üpjün etmek boýunça milli teswirnamalaryň, kliniki gollanmalaryň sany.<br><br>2 ýaşa çenli çagany ene süýdi bilen emdirmegiň dowamlylygynyň görkezijisi | Barlaglaryň netijeleri, sorag-jogap geçirmeler, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň administratiw maglumatlar | Türkmenis-tanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi<br><br>Türkmenis-tanyň Mejlisi, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri. | 2022-nji ýyl |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 2.2.2. Ýaşaýan ýerine, durmuş ýagdaýyna we maşgala girdejisine garamazdan eneleriň saglygyny goramak boýunça ýokary hilli hyzmatlaryň umumy elýeterliligini üpjün etmek. | Howpsuz göwrelilik, sagdyn enelik we çaganyň irki ösüşi barada ilatyň habarlylygyny artdyrmak.<br><br>Subutnamalara esaslanyp, kabul edilen milli kliniki beýanlara laýyklykda antenatal (çaga dogulmazdan öňki) ideg we göwreli aýallary alyp barmak boýunça gullugy pugtalandyrmak.<br><br>Eneleriň saglygyna jogapkär saglygy goraýyş işgärlerini taýýarlamagy kämilleşdirmek we olaryň hünär derejesini artdyrmak. | Öňdebaryjy tehnologiýalara esaslanýan antenatal ideg gatnawlaryndan azyndan 4 gezek peýdalanan aýallaryň paýy.<br><br>Kabul edilen milli kliniki beýanlara laýyklykda hemmetaraplaýyn gyssagly akuşer kömegini berýän we neonatal idegi üpjün edýän çaga dogruş edaralarynyň paýy | Barlaglaryň netijeleri, sorag-jogap geçirmeler, TSG we DSM-iň administratiw maglumatlar | Türkmenis-tanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri | 2022-nji ýyl |
| ***2.3. AIW we AIDS hem-de reproduktiw saglyk*** | | | | | |
| 2.3.1. AIW ýokanjynyň ýaýramagyna garşy göreşmek boýunça saglygy goraýyş ulgamynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň binýadyny işläp düzmek we mümkinçiliklerini artdyrmak. | AIW/AIDS-iň eneden çaga geçmeginiň öňüni almak boýunça çäreleri geçirmek:<br><br>AIW /AIDS ýokanjy bilen infisirlenenenleri we olaryň bäbeklerini irki anyklaýyş we öz wagtynda bejergi bilen üpjün etmek;<br><br>Saglygy goraýyş edaralarynda ýokanç kesellere gözegçilik boýunça ulgamy güýçlendirmek çärelerini işläp düzmek we işe ornaşdyrmak, gözegçilik we howplara baha bermek ulgamlaryny ösdürmek;<br><br>Gan goýberme ulgamyny özgertmek we ganyň hem gan önümleriniň lukmançylyk maksatly ulanmak howpuny azaltmak;<br><br>Howpsuz gan we howpsuz inwaziw lukmançylyk emleri bermek arkaly hassahana içki AIW ýokanjynyň öňüni almak;<br><br>Ilkinji saglygy goraýyş-sanitariýa kömeginiň we ýöriteleşdirilen lukmançylyk edaralarynyň tejribesiniň çäklerinde öňüni alyş, anyklaýyş, bejeriş, ideg etmek we goldamak hyzmatlarynyň bitewileşdirilmegi;<br><br>Milli kanunçylygy AIW meseleleri boýunça halkara standartlaryna laýyk getirmek;<br><br>AIW ýokanjynyň ýaýramagyna garşy göreşmegiň 2018–2022-nji ýyllar üçin täze Milli maksatnamany işläp taýýarlamak. | AIW ýokanjynyň, şol sanda AIW-iň eneden çaga geçmegi netijesinde infisirlenen ýagdaýlarynyň sany.<br><br>Halkara standartlaryna laýyklykda ýokanç kesellere gözegçiligi amala aşyrýan we howplara baha berýän lukmançylyk edaralaryna düşýän paý<br><br>Halkara standartlaryna laýyklykda sazlaşdyrylan milli kanunçylyk.<br><br>2018-nji ýylyň ahyryna çenli tassyklanan AIW ýokanjynyň ýaýramagyna garşy göreşmegiň täze maksatnamasy | Barlaglaryň netijeleri, sorag-jogap geçirmek, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň administratiw maglumatlar | Türkmenis-tanyň Mejlisi, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri | 2022-nji ýyl |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| ***2.4. Iýmitlenme*** | | | | | |
| 2.4.1 Çagalaryň, göwreli we göwreli däl reproduktiw ýaşyndaky aýallaryň arasynda ganazlygyň we 5-ýaşa çenli çagalaryň arasynda «A» witamininiň ýetmezçiliginiň derejesini peseltmek. | Eneleriň we çagalaryň arasynda ganazlygyň öňüni almak boýunça geçirilmeli çäreleriň meýilnamasyny halkara tekliplerine laýyklykda işläp düzmek we ornaşdyrmak.<br><br>6-9 aý aralygyndaky ýaşly çagalaryň arasynda «A» witamininiň ýetmezçiliginiň öňüni almak meselelerini Ilatyň sagdyn iýmitlenmegi boýunça täze Milli maksatnamasyna girizmek | 2022-nji ýyla çenli 6-9 aý ýaşyndaky çagalaryň, reproduktiw ýaşyndaky aýallaryň, şol sanda göwreli aýallaryň arasynda, ganazlygy 2012-nji ýyl bilen deňeşdirilende 20% azaltmak<br><br>2022-nji ýyla çenli 6-9 aý aralygyndaky ýaşly çagalaryň arasynda «A» witamininiň ýetmezçiligini 2012-nji ýyl bilen deňeşdirilende 20% azaltmak | Barlaglaryň netijeleri, sorag-jogap geçirmek, Türkmenistanyg Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň administratiw maglumatlary | Türkmenistanyň Mejlisi, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri. «Türkmenstandartlary» döwlet gullugy. | 2022-nji ýyl |
